# Tumarym, penañda saklagyn aman…

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Tumarym, penañda saklagyn aman… TUMARYM, PENAÑDA SAKLAGYN AMAN…



Tumarym, penaňda saklagyn aman,
Uzak sürgünlere kowulan çagym.
Toba eden çagym, tolgunan çagym,
Sen berildiň maňa bir gamly zaman.
Tolkun atyp, göge galanda umman,
Tolkunlar öwrülen çagy daşymda,
Bulut haýbat atan çagy başymda-
Goragyn, tumarym, saklagyn aman.

Ýat ilde ýalňyzlyk çekilýän zaman,
Gam öýünde adam tukat ýatanda,
Jeňiň howsalasy huşy tutanda
Goragyn, tumarym, saklagyn aman.

Mukaddes lezzeti berýän bipeýan
Ýürege jadyly şöhle salanda,
Ol gizlenip, soň biwepa bolanda,
Goragyn, tumarym, saklagyn aman.

Goý, ýüregiň ýarasyny gozgaman
Ýatlamalar galsyn, öňküsi yaly.
Hoş gal, umyt, ukla göwnüm hyýaly,
Goragyn, tumarym, saklagyn aman.

Terjime eden: Çary AŞYROW. Goşgular